# Tüşi mergen

Category: Kitapcy,Taryhy şahslar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Tüşi mergen TÜŞI MERGEN




- **Tüşi mergeniň ogly Nury mergeniň 110 ýaşan aýaly Bagdagül ejäniň gürrüňlerinden**

Tüşi mergen Dykma serdaryň nökeri bolan. Özi gysga boýludy. Bir gezek «Nohura talaňçy döküldi» diýen habar gelýär. Tüşi mergen şonda bir borjagyň aşagynda girip oturýar. 100 atly gelýär. Atlylaryň serdary golaý geliberende ony atyp goýberýär. Ol atdan agdarylýar. Muny gören atlylar basga düşüp yzlaryna serpikýärler. «Meni şonda Dykma serdar tapmandyr. «Wah, mergen galandan teke bilen nohurlynyň ýüzi galany gowy diýip, ol aýdypdyr». Soň barsam, meni görüp gujaklap, ýüzümden öpdi» diýip, mergeniň beren gürrüňi ýadymda. Şol gün olar yzlaryna gaýtjak bolanlarynda: «Ýene-de ýüz atly gelýär» habary gelýär. Olar ýenede ýüz atlynyň öňlerinden çykmaly

bolýarlar. Şolaryň içinden biri gaýtmankalar: «Ýigitler, gitmäň. Bir adam bar weli ädigimiň boýundan belent däl, bir tüpeň atanda oky ýere gaçanok, birem ses edýär weli, atlar yzyna gaçýar» diýipdir diýýä. Olar munuň sözüne ähmiýet bermän gaýdypdyrlar. «Bir zadyň aşagyna girip durýan» diýýärdi-de, näbileýin. Ýene gelýäler diýýä. Öňlerinde-de daýaw atly adam. Serdarlary. «Golaýladyp atyp goýberdim weli ýykyldy. Beýleki atlylar ýene-de yzlaryna gaçdylar» diýdi.
Ýaňky atlylar Nohur obasynyň üstüne dökülip, malyny gyrjak, gyz-gelnine degjek, soňam Arçmana geçjek. Arçmanda tekeleriň üstüne döküljek. Emma olaryň bet niýeti başa barmandyr.
Nirä gidilse-de Dykma serdar Tüşi mergeni öz ýanyndan goýmaýan eken. Hemme adamdan gowy görýän eken. Biri Dykma serdar bilen gepi azaşyp, oňa «Seniň agzyňdan çaparyn» diýip haýbat atypdyr. Dykma-da «Mergen, ýagdaýlar-a şeýle» diýip aýdypdyr. «Biz şondan soň atly ýigrimi günläp, şo adamyň üstüne dökülip, onuň agzyndan çapyp, ýenede ýigrimi gün diýlende yzymyza geldik» diýip, mergen gürrüň berýärdi. Olar jemi kyrk günläp ýolda bolupdyrlar.




Nohurda bir gala bardy. Diňli zatly. Indi ýykylypdyr. Nohuryň ähli gyz-gelnini, çagasyny şoňa ýygnaýan ekenler. Şo galaň içinde üç diňi bardy. Şolar biz gyzkagam bardy. Üç diňde-de mergenler oturyp, gelýäni atyp, yzlaryna gaýtarýan ekenler. Tä orus gelip, ýurdy alýança, uruş edilipdir. Kürtler bularyň kellesini alarmyş, bular kürtleriňkini alarmyş. Ur başyň görünmesinmiş-dä! Nohurlylar daga, hatda, şo-ol Älemli arçanyň ýanyna-da mallary-hallary, özleri aňsat çykyp bilmezlermiş. Mydam töwerekleri adammyş. Ondan soň orus gelensoň urşam galypdyr, dawa-da galypdyr. Gepem-gürrüňem galypdyr. Her kim birýana, Jülgedir Könegümmeý, Gargyly diýip dagapdyrlar.
Tüşi mergen-ä at göteren adam. Mydam Dykma serdaryň ýanynda bolupdyr. Mergenem, onuň aýaly-da 100 ýaşap ýogaldylar.

Tüşi daýym otuzynjy ýyllarda adamlar tutulmanka ýogaldy. Şo wagt oglanlary bardy. Gaýyn enem oglanlary tutulyp gidenden soň öldi. Otuz ýedide mergeniň iki ogly tutuldy. Ikisem gelmedi. Nury mergenem gelmedi. Täji mergenem.

Şonda Nohurdan 200-denem kän adam ýygnaldy. Hatda 300 diýsemem ýalançy bolman. Nähak ýerden il bendäni süräýdiler. Onuň yzyndanam uruş turdy. Täze döränlerem urşa äkitdiler. Uruşdanam gelen geldi, gelmedigem gelmedi.

Obada ilki kolhoz guranam Tüşi mergeniň çagalarydy. Täji gaýynagam oba şurasy boldy. Kolhoz başlygy boldy. Abdyrahmanyň kakasy Nury hem birgat bolup işledi.

Tüşi mergeniň üç ogly bardy. Ikisi basyldy. Biri galdy. Ýamanlapdyrlar. Ýogsam basylmaly adamlar däldi.

1992 ý.

http://kitapcy.com/news/2018-10-26-2968 Taryhy şahslar